**Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 02-nji noýabrynda çykaran 12620-nji karary bilen tassyklandy**

**Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 02-nji aprelinde çykaran 13570-nji karary bilen tassyklandy**

**Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 22-nji fewralynda çykaran 14616-njy karary bilen tassyklandy**

# Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň TERTIPNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Tertipnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 20-nji martyndaky çykaran 13552-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanda döwlet ýokary hünär bilimi edaralary hakyndaky Düzgünnama laýyklykda işlenip düzüldi we ol Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň işiniň tertibini kesgitleýär.

2. Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, «Bilim hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyny we beýleki kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny we şu Tertipnamany goldanýar.

3. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti – Türkmenistanyň döwlet ýokary hünär bilimi edarasy bolup, ol ýokary we ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi we hünär derejesini ýokarlandyryş maksatnamalaryny

lukmançylygyň köp ugurlary boýunça amala aşyrýar, ýokary hünärli ylmy we ylmy-pedagogik işgärleri taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak işini alyp barýar, ylmyň dürli ugurlary boýunça düýpli we ylmy-amaly barlaglary, ylmy-kliniki hem-de bejeriş-öňüni alyş we maslahat beriş işini ýerine ýetirýär, öz işiniň çäginde öňdebaryjy ylmy we usulyýet merkezi hasaplanýar.

Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti ylmy-kliniki hem-de bejeriş-öňüni alyş we maslahat beriş işini Göz keselleri ylmy-kliniki merkezinde, Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezinde, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkezinde hem-de kliniki binýatlyk bejeriş-öňüni alyş edaralarynda alyp barýar.

4. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti edara görnüşli tarap bolup, onuň özbaşdak emlägi, Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen möhri, möhürçeleri, resmi kagyzlary, at ýazgylary, bankda hasaplaşyk hasaplary bolýar. Onuň hukuk salgysy – 744036, Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 18-nji jaý.

5. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň (mundan beýläk - Lukmançylyk uniwersiteti) esasy maksady – Türkmenistanyň raýatlarynyň ýokary lukmançylyk hünär bilimine, ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimine we hünärini ýokarlandyrmaga bolan hukuklaryny amala aşyrmakdan, jemgyýetimiz üçin hemmetaraplaýyn ösen we kämil şahsyýeti terbiýelemekden, Türkmenistanyň ýokary lukmançylyk hünär bilimli işgärlere bolan isleglerini we sargytlaryny kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

6. Lukmançylyk uniwersitetiniň esasy wezipeleri:

saglygy goraýyş we derman senagaty pudagy hem-de düzüminde saglygy goraýyş gulluklary bolan beýleki pudaklar üçin ýokary lukmançylyk hünär bilimli, ylmy we amaly, ahlak taýdan kämil hünärmenleri taýýarlamak;

talyplarda milli ruhy-ahlak ýörelgeleri hem-de umumyadamzat gymmatlyklary bilen özara berk baglanyşyklylykda ýokary medeniýeti hem-de döwlet Garaşsyzlygynyň we Bitaraplygynyň ýörelgelerine,

türkmen halkyna, Watana we Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur wepalylygy terbiýelemek;

şahsyýetiň lukmançylyk bilimini çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge bolan isleglerini kanagatlandyrmak;

lukmançylyk ylmyny ösdürmek, ylmy-pedagogik işgärleri taýýarlamak, ylmy-kliniki, düýpli we ylmy-amaly barlaglary guramak hem-de geçirmek;

ilata bejeriş-öňüni alyş kömegini bermek;

hünärmenleri we ýolbaşçy işgärleri gaýtadan taýýarlamak hem- de olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak;

jemgyýetiň lukmançylyk taryhy we ylmy gymmatlyklaryny toplamak, goramak hem-de baýlaşdyrmak we tejribä ornaşdyrmak bolup durýar.

7. Lukmançylyk uniwersitetiniň işiniň esasy ýörelgeleri:

her bir adamyň öz ukyplaryny we zehinini doly ulanyp bilmeginde deňhukuklylygyny üpjün etmek;

berilýän bilimiň gumanitar häsiýetde bolmagyny, umumyadamzat gymmatlyklarynyň, adamyň saglygynyň, şahsyýetiň erkin ösmeginiň ileri tutulmagyny üpjün etmek;

berilýän bilimiň Türkmenistanyň halkynyň milli taryhy, medeniýeti we däp-dessurlary bilen sazlaşykly arabaglanyşygyny saklamak;

berilýän bilimiň Türkmenistanyň halkynyň milli taryhy, medeniýeti we däp-dessurlary bilen sazlaşykly arabaglanyşygyny saklamak;

talyplarda raýatlyk we watansöýüjilik, zähmetsöýerlik, adam hukuklaryna we azatlyklaryna sarpa goýmak, daşky gurşawa, maşgala, Watana söýgi duýgularyny terbiýelemek;

berilýän bilimiň lukmançylyk ylmy we tejribesi, bejeriş işi we klinika bilen utgaşmagyny üpjün etmek ;

ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri we öňdebaryjy daşary ýurt okuw, ylmy edaralary we guramalary bilen hünärmenleriň hünär taýýarlyk tejribesini öwrenmek we ulanmak, ylmy barlaglary giň ugurlar boýunça gumamak maksatlarynda hyzmatdaşlyk etmek;

ýokary bilimi dünýewi häsiýetde bermek we syýasy

partiýalardan, beýleki jemgyýetçilik hem-de dini guramalardan garaşsyzlygyny saklamak.

8. Lukmançylyk uniwersiteti ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak işini 4 sany ugurda 10 sany hünär boýunça: kliniki lukmançylyk ugry boýunça bejeriş işi, pediatriýa, stomatologiýa hünärlerinde; saglyk baradaky ylymlar we öňüni alyş lukmançylygy ugry boýunça saglygy goraýyş-öňüni alyş işi, sport lukmançylygy, saglygy dikeldiş we adaty däl lukmançylygy, lukmançylyk-durmuş goragy işi hünärlerinde; harby lukmançylyk ugry boýunça bejeriş- öňüni alyş işi, arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek işi hünärlerinde we farmasiýa ugry boýunça farmasiýa hünärinde amala aşyrýar.

Lukmançylyk ýokary hünär bilimi boýunça täze ugurlaryň we hünärleriň açylmagy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenen tertipde amala aşyrylýar.

9. Lukmançylyk uniwersitetiniň gurluşy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

10. Lukmançylyk uniwersitetiniň terbiýeçilik wezipeleri talyplaryň we işgärleriň bilelikdäki ylym-bilim, önümçilik, jemgyýetçilik hem-de beýleki jemgyýete peýdaly işleriň üsti bilen durmuşa geçirilýär.

## I. Okuwa kabul etmek

11. Lukmançylyk uniwersitetine okuwa kabul etmek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar

12. Lukmançylyk uniwersitetine ýaşlary seçip almak işi tamamlanandan soňra talybyň, Lukmançylyk uniwersitetiniň, degişli häkimligiň, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň arasynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertibe laýyklykda borçlary öz içine alýan şertnama baglaşylýar.

13. Daşary ýurt raýatlaryny, Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryny, şeýle hem raýatlygy bolmadyk adamlary okuwa kabul etmek Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde amala aşyrylýar.

## II. Bilim işi

14. Lukmançylyk uniwersitetinde bilim işi Türkmenistanyň kanunçylygy we şu Tertipnama esasynda amala aşyrylýar.

15. Lukmançylyk uniwersitetinde ýokary hünär biliminiň maksatnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça okuw işi bellenen tertipde tassyklanan, ýokary hünär bilimi baradaky döwlet ölçeglerine esaslanýan degişli lukmançylyk ugurlary (hünärleri) boýunça okuw meýilnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

16. Lukmançylyk uniwersitetinde hünärmenleri taýýarlamak önümçilikden aýrylmak (gündizki) gömüşinde amala aşyrylýar.

Öwrenilýän hünäre baglylykda okuwyň anyk möhleti Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasarlary tarapyndan tassyklanan degişli hünäriň okuw meýilnamasy esasynda kesgitlenýär.

17. Lukmançylyk uniwersitetinde okatmak umumy okuw, amaly okuw, söhbet okuwy, tejribe, barlag işi, özbaşdak iş, okuw-barlag işleri, önümçilik-hünär öwreniş tejribeligi, meýdan sapaklary, referat ýazmak we ýyllyk işleri taýýarlamak, barlag tabşyrygy, synag (testirlemek) hem-de söhbetdeşlik arkaly barlamak (kollokwium geçirmek), maslahat bermek, talyplar bilen aýratynlykda işlemek, talyplaryň özbaşdak işlerine gözegçilik etmek, doly özleşdirilmedik okuw sapaklarynyň we goýberilen sapaklaryň öwezini doldurmak gömüşinde amala aşyrylýar.

18. Talyplaryň okuw we hünär amallaryny, üznüksiz we önümçilik tejribesini, kliniki taýýarlygy geçmekleri üçin, Lukmançylyk uniwersitetiniň Göz keselleri ylmy-kliniki merkezi, Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezi, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkezi, şeýle hem Türkmenistanyň Saglygy gorayyş we derman senagaty ministrliginiň, Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň degişli edaralary bellenýär.

Lukmançylyk uniwersitetiniň talyplarynyň we hünärmenleriň diplomdan soňky taýýarlygy üçin okuw binýady bolan bejeriş-öňüni alyş, arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek, dermanhana hem-de beýleki saglygy goraýyş we derman senagaty edaralarynyň sanawy Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanýar.

Lukmançylyk uniwersitetiniň Harby lukmançylyk fakultetiniň

harby talyplarynyň we hünärmenleriniň diplomdan soňky taýyarlygy üçin okuw binýady bolan harby bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň, harby-lukmançylyk bölümleriniň sanawy Türkmenistanyň Saglygy gorayyş we derman senagaty ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýar.

19. Okuw sapaklarynyň we arakesmeleriň takyk dowamlylygy Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan kesgitlenýär.

20. Okaýanlaryň biliminiň bahalandyryş ulgamy, gömüşleri, olary geçirmegiň tertibi we kadalary Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan işlenip düzülen kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda alnyp barylýar.

21. Ýetişigi oňat bolan talyplary ýyldan ýyla geçirmek Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýan Ýyl synaglary we hasaplary hakyndaky düzgünnama laýyklykda, dekanlyklaryň hödürlemegi boýunça rektoryň, harby talyplary ýyldan ýyla geçirmek - Türkmenistanyň Goranmak ministriniň buýrugy bilen amala aşyrylýar.

22. Okuw meýilnamasy doly özleşdirilenden soňra, gutardyş döwlet synaglary Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýan, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde gutardyş döwlet synaglary baradaky düzgünnama laýyklykda geçirilýär.

Gutardyş döwlet synaglaryndan üstünlikli geçen uçuryma bellenen tertipde degişli hünäri we käri görkezmek bilen, ýokary bilim alandygyny kepillendirýän we möhür bilen tassyklanýan döwlet nusgasyndaky resminama (diplom) we hünärmeniň döşe dakylýan nyşany berilýär. Diplomyň goşundysynda talybyň okuw döwrüniň dowamynda öwrenen ähli dersleriniň okuw sagatlary we alan bahalary görkezilýär.

## III. Ylmy, ylmy-kliniki we bejeriş-öňüni alyş işi

23. Lukmançylyk uniwersitetiniň Alymlar geňeşi tarapyndan tassyklanan tematiki meýilnamalar boýunça ylmy we ylmy-kliniki işler geçirilýär.

24. Lukmançylyk uniwersitetiniň düzüminde Göz keselleri ylmy-kliniki merkezi, Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezi, Enänin we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkezi işleýär. Olar ylmy-kliniki, okuw-ylmy, bejeriş-öňüni alyş we maslahat beriş işlerini alyp barýarlar.

Göz keselleri ylmy-kliniki merkezi Lukmançylyk uniwersitetiniň

kafedralarynyň we beýleki düzüm birlikleriniň ylmy-kliniki işini utgaşdyrýar, professor-mugallymlaryň, alymlaryň we talyplaryň ylym bilen döredijilikli meşgullanmagy, düýpli ylmy barlaglary geçirmegi, okuw-tejribe işleriniň ylmy taýdan kämilleşmegi üçin zerur işleri guraýar we geçirýär, lukmançylyk ylmyny we bilimini ösdürmegiň geljekki ugurlaryny çaklaýar we kesgitleýär, ylmy-kliniki edaralar, Türkmenistanyň akademiki we pudaklaýyn ylmy-barlag institutlary bilen ylmy aragatnaşygy saklaýar, dünýä lukmançylyk ylmynyň we tejribesiniň gazananlaryny, keselleriň öňüni almagyň, olary anyklamagyň we bejermegiň netijeli usullaryny iş ýüzünde giňden omaşdyrýar.

Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezi Lukmançylyk uniwersitetiniň kafedralary we beýleki düzüm birlikleri bilen bilelikde ylmy-önümçilik işini utgaşykly alyp barýar, okuw-tejribe işleriniň kämilleşmegi üçin zerur işleri guraýar we geçirýär, stomatologiýa keselleriniň öňüni almagyň, olary irki döwürde anyklamagyň we bejermegiň ylmy taýdan esaslandyrylan netijeli usullaryny we tilsimatlaryny işläp taýýarlaýar, talyplara, kliniki ordinatorlara, intem-lukmanlara, lukman-diňleýjilere berilýän bilimiň hilini ylmy esasda yzygiderli kämilleşdirýär, çagalary we uly ýaşly adamlary dürli gömüşdäki diş protezleri bilen üpjün edýär, meýilleşdirilen ylmy barlag işlerini talaba laýyk alyp barmak üçin ilata tölegli stomatologiýa kömegini amala aşyrýar.

Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkezi enelere we çagalara ýokary hilli saglygy goraýyş kömegini bermek boýunça giň bejeriş-öňüni alyş işlerini alyp barýar, lukmançylyk ylmy maksatnamalaryny we meýilnamalaryny işläp düzýär we olaryň ýerine ýetirlişini gurnaýar, Merkezde ýerleşýän kafedralar bilen bilelikde talyplara, kliniki ordinatorlara, lukman-intemalara we lukman- diňleýj ilere döwrebap bilim bermek üçin ähli şertleri döredýär, dünýä gazananlaryny hasaba alyp, lukmançylyk ylmyny we bilimini ösdürmegiň geljekki ugurlaryny çaklaýar we kesgitleýär, beýleki ylmy-kliniki merkezler, bejeriş-öňüni alyş edaralar bilen hyzmatdaşlyk etmek arkaly hem-de ministrlikler we pudak edaralar, şeýle hem halkara guramalar bilen şertnamalar (ylalaşyklar) esasynda eneleriň we çagalaryň saglygyny goramagyň wajyp meseleleri boýunça bilelikde ylmy işleri alyp barýar. Merkezde çaga keselleri, göwreliligiň we dogrumyň gaýraüzülmeleri, aýal keselleri bilen baglanşykly ýöriteleşdirilen lukmançylyk bejeriş-

anyklaýyş we maslahat beriş kömeginiň ähli gömüşlerini tölegli hyzmatlar arkaly we býujet serişdeleriniň hasabyna amala aşyrýar.

Göz keselleri ylmy-kliniki merkezi, Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezi hem-de Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkezi hakyndaky Düzgünnamalar Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ylalaşylyp, Lukmançylyk uniwersitetiniň rektory tarapyndan tassyklanýar.

25. Lukmançylyk uniwersitetiniň kafedralarynyň we beýleki düzüm birlikleriniň, professor-mugallymlaryň, alymlaryň, dalaşgärleriň we talyplaryň ylmy işleri ylmy maksatnamalar we meýilnamalar esasynda alnyp barylýarю

26. Ylmy işleri geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütleri, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we Lukmançylyk uniwersitetiniň degişli resminamalary bilen bellenýär.

27. Lukmançylyk uniwersiteti lukmançylyk ugurly ýokary hünärli ylmy işgärleri taýýarlamak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen esaslarda kliniki ordinaturany, aspiranturany we doktoranturany, şeýle hem dalaşgärlik işini guraýar.

28. Ylmy işler şu serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär:

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň serişdeleriniň;

ylmy-kliniki işleri ýerine ýetirmäge goýberilýän býujet serişdeleriniň;

ylmy ýa-da ylmy-tehniki işe berilýän ýörite grantlaryň;

Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň.

29. Lukmançylyk uniwersitetiniň bejeriş-öňüni alyş işi bellenen tertipde onuň Göz keselleri ylmy-kliniki merkezinde, Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezinde, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkezinde we kliniki kafedralarynda mugallymlar we lukmanlar tarapyndan amala aşyrylýar.

Göz keselleri ylmy-kliniki merkezinde ýatymlaýyn we gatnap bejergi almak şertinde bejeriş-öňüni alyş kömegi, şol sanda

gaýragoýulmasyz kömek berilýär.

Lukmançylyk uniwersitetiniň Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezi gündizki (gatnap bejergi almak) şertinde ýöriteleşdirilen lukmançylyk bejeriş-anyklaýyş kömegi berilýär.

Lukmançylyk uniwersitetiniň Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkezinde çaga keselleri, göwreliligiň we dogrumyň gaýraüzülmeleri, aýal keselleri bilen baglanşykly ýöriteleşdirilen lukmançylyk bejeriş-anyklaýyş kömeginiň ähli gömüşleri maslahat bermek we ýatymlaýyn şertlerde amala aşyrylýar.

Lukmançylyk uniwersitetiniň kliniki kafedralary bellenen tertipde Lukmançylyk uniwersiteti tarapyndan Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň edaralary bilen baglaşylýan şertnamalaryň esasynda bejeriş-öňüni alyş edaralarynda ylmy-kliniki we bejeriş-öňüni alyş işlerini alyp barýarlar, talyplaryň okuw we hünär amallaryny, üznüksiz we önümçilik, kliniki tejribesini geçmegini we hünär taýýarlygyny üpjün edýärler.

## IV. Lukmançylyk uniwersitetini dolandyrmak

30. Lukmançylyk uniwersiteti bilim işinde özbaşdakdyr we her bir alyp barýan işi üçin talybyň, döwletiň we jemgyýetiň öňünde jogapkärdir.

31. Lukmançylyk uniwersitetini dolandyrmak Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda we şu Tertipnama esasynda amala aşyrylýar.

32. Lukmançylyk uniwersitetiniň şulara ygtyýarlygy bardyr:

işgär sanyny we wezipe sanawyny bellenen tertipde tassyklamaga, içki düzgün-nyzamy kesgitlemäge we işgärleriň wezipe borçlaryny paýlap bermäge;

mugallymlary, ylmy işgärleri, lukmanlary, edara ediş- dolandyryş, okuw-kömekçi we inžener-tehniki işgärleri seçip alyp, işe kabul etmäge, olaryň hünärini ýokarlandyrmaga we olary kadaly zähmet şertleri bilen üpjün etmäge;

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň saglygy goraýyş we derman senagaty edaralaryny şertnamalaýyn esasda bellenen tertipde binýatlyk edara hökmünde ulanmaga;

näsaglar bejerilende olara zähmete ukypsyzlyk hatlaryny bellenen tertipde bermäge;

öz hasabyndaky desgalara doly hojalygy ýöretmek hukugy esasynda

eýelik etmäge, olary peýdalanmaga we olara serenjam bermäge;

ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ylmyň ol ýa-da beýleki ugrunda işleýän öňdebaryjy hünärmenleriniň gatnaşmagynda okuw- usuly we ylmy-amaly maslahatlary guramaga we geçirmäge;

tölegli esaslarda bejeriş-anyklaýyş we goşmaça bilim hyzmatlaryny bellenen tertipde hödürlemäge;

okuw işlerini, talyplaryň ýetişiginiň yzygiderli barlagyny, ýarymýyllygyň içindäki bilim derejesiniň aralyk jemlenmesini we jemleýji barlagyny guramaga we amala aşyrmaga;

okuw meýilnamalaryny we okuwlaryň hem-de okuw dersleriniň maksatnamalaryny, bilim beriş işlerini üpjün etmek üçin zerur bolan beýleki okuw-usuly resminamalary işläp düzmäge;

okuw kitaplaryny, okuw gollanmalaryny, monografiýalary, ylmy işleriň ýygyndylaryny we beýleki okuw-usuly edebiýatlary we resminamalary bellenen tertipde neşire taýýarlamaga we neşir etmäge;

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ylalaşyp, Göz keselleri ylmy-kliniki merkezinde, Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezinde hem-de Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkezinde ulanylýan lukmançylyk enjamlaryny, derman we saglygy goraýyş maksatly serişdeleri satyn almaga;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki hukuklardan peýdalanmaga.

33. Lukmançylyk uniwersiteti öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

okatmagyň we terbiýe bermegiň öňdebaryjy gömüşlerini, usullaryny, döwrebap usulyýetini we täze tilsimatlaryny işläp taýýarlaýar we ornaşdyrýar;

talyplary, mugallymlary, hünärmenleri alyşmagy amala aşyrýar, olary tejribelige, hünär kämilleşigine we iş saparlaryna, şol sanda daşary ýurt bilim beriş, ylmy, ylmy-kliniki we beýleki edaralara iberýär;

Lukmançylyk uniwersitetiniň öňünde durýan wezipeleriň netijeli çözülmegi üçin zerur bolan beýleki işleri amala aşyryar.

34. Lukmançylyk uniwersitetiniň maliýe-hojalyk işi Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu Tertipnama laýyklykda amala aşyrylýar.

35. Lukmançylyk uniwersiteti Döwlet býujetiniň serişdeleriniň, tölegli hyzmatlardan alynýan serişdeleriň hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň hasabyna

maliýeleşdirilýär.

36. Lukmançylyk uniwersitetiniň emläkleri:

jaýlaryň (binalaryň), desgalaryň, enjamlaryň, gurallaryň we öz hasabynda durýan beýleki serişdeleriň we maddy gymmatlyklaryň;

Döwlet býujetiniň, tölegli hyzmatlardan alynýan serişdeleriň, banklaryň we beýleki karz beriji edaralaryň karzlarynyň;

döwlet edaralary, halkara guramalary we gaznalary tarapyndan berilýän grantlaryň we maliýe kömegini bermegiň beýleki gömüşleriniň;

şahsy we (ýa-da) edara görnüşli taraplaryň meýletin haýyr-sahawatlarynyň we hemaýatçylardan gowuşýan serişdeleriň, düýpli maýa goýumlarynyň;

Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň hasabyna düzülýär.

37. Lukmançylyk uniwersitetinde buhgalterlik hasaby we hasabatlylygy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

38. Lukmançylyk uniwersiteti tarapyndan statistiki hasabatlary kabul etmek we tabşyrmak Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

39. Lukmançylyk uniwersitetini dolandyrmak gönüden-göni rektor tarapyndan amala aşyrylýar. Lukmançylyk uniwersitetiniň rektory we prorektorlary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýär we wezipeden boşadylýar.

40. Rektor Lukmançylyk uniwersitetiniň bilim, ylym, okuw-terbiýeçilik, tejribe, usulyyet, ylmy-kliniki, bejeriş-öňüni alyş, maliýe-hojalyk işi hem-de ýaş nesliň halkymyza, Watanymyza, Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur hormat we wepalylyk ruhunda terbiýelenmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

41. Lukmançylyk uniwersitetiniň rektory:

Lukmançylyk uniwersitetiniň hem-de Göz keselleri ylmy-kliniki merkeziniň, Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezi, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkeziň işine umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar;

Lukmançylyk uniwersitetiniň işini Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu Tertipnama laýyklykda guraýar we üpjün edýär;

işgärleriň wezipe borçlaryny bellenen tertipde kesgitleýär;

işgärleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işe kabul

edýär we işden boşadýar;

zerur bolan buýruklary çykarýar we görkezmeleri berýär;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, şu Tertipnamadan gelip çykýan beýleki işleri öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýerine ýetirýär.

42. Lukmançylyk uniwersitetiniň düzümine fakultetler we kafedralar, Göz keselleri ylmy-kliniki merkezi, Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezi, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw- ylmy merkezi, Ylmy-barlag merkezi, dolandyryş-hojalyk we kömekçi bölümler girýär.

43. Lukmançylyk uniwersitetiniň fakultetleriniň dekanlary, kafedralarynyň müdirleri bellenen tertipde saýlanýar we rektor tarapyndan kanunçylyga laýyklykda tassyklanýar.

Harby lukmançylyk fakultetiniň we kafedralarynyň başlyklary bellenen tertipde saýlanýar we Türkmenistanyň Goranmak ministri tarapyndan kanunçylyga laýyklykda tassyklanýar.

Lukmançylyk uniwersitetiniň Harby lukmançylyk fakultetiniň düzgünnamasy bellenen tertipde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri, Türkmenistanyň Goranmak ministri we Türkmenistanyň Bilim ministri tarapyndan tassyklanýar.

Göz keselleri ylmy-kliniki merkeziniň baş lukmany bellenen tertipde saýlanýar we rektor tarapyndan kanunçylyga laýyklykda tassyklanýar.

Ylmy-barlag merkeziniň müdiri bellenen tertipde saýlanýar we rektor tarapyndan kanunçylyga laýyklykda tassyklanýar.

Stomatologiýa okuw-önümçilik merkeziniň hem-de Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkeziniň direktory bellenen tertipde saýlanýar we rektor tarapyndan kanunçylyga laýyklykda tassyklanýar.

Lukmançylyk uniwersitetiniň düzüm birlikleriniň düzgünnamalary bellenen tertipde rektor tarapyndan tassyklanýar.

44. Lukmançylyk uniwersitetiniň köpçülikleýin dolandyrylyşy saýlawly wekilçilikli gurama - Alymlar geňeşi tarapyndan amala aşyrylýar. Alymlar geneşi Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen ylalaşylyp tassyklanan birkysmy Düzgünnama laýyklykda hereket edýär.

45. Fakultet öz düzüminde kafedralary, barlaghanalary, fakultet

tabynlygyndaky beýleki okuw, ylmy we kömekçi bölümleri jemleýär.

Fakultete dekan (başlyk) ýolbaşçylyk edýär we fakultetiň işiniň netijeleri üçin jogapkärçilik çekýär. Fakultetiň işi fakultetiň Alymlar geňeşi tarapyndan ugrukdyrylýar. Geňeşe dekan (başlyk) ýolbaşçylyk edýär. Fakultetiň Alymlar geňeşiniň düzümi, ygtyýarlyklary we borçlary Lukmançylyk uniwersitetiniň rektory tarapyndan tassyklanan fakultet baradaky Düzgünnamada kesgitlenýär.

Lukmançylyk uniwersitetiniň Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakulteti öz işini 3 ugur - lukmanlaryň hünärini kämilleşdirmek, bir ýyllyk hünär kämilleşdirişi (intematura) we kliniki ordinatura okuwlary boýunça alyp barýar. Okuwlaryň geçirilişine dekanyň umumy ýolbaşçylygynda Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş bölüminiň müdiri gözegçilik edýär. Onuň düzümindäki:

Lukmanlaryň hünärini kämilleşdirmek okuwynda, bir ýylyň dowamynda okuwa gelýän lukman - diňleýjileriň sanyna görä, 2500-e çenli diňleýji üçin baş hünärmen wezipesi, 2501-den 3500-e çenli diňleýji üçin bolsa, goşmaça esasy hünärmen wezipesi;

Bir ýyllyk hünär kämilleşdirişi (internatura) okuwynda, okuw ýylyna meýilleşdirilen intern-lukmanlaryň sanyna görä, 250-ä çenli baş hünärmen wezipesi, 251-den 350-ä çenli bolsa, goşmaça esasy hünärmen wezipesi;

Kliniki ordinatura okuwynda, okuw ýylyna meýilleşdirilen kliniki ordinatorlaryň sanyna görä, 100-e çenli baş hünärmen wezipesi, 101-den 150-ä çenli bolsa, goşmaça esasy hünärmen wezipesi girizilýär.

46. Kafedra fakultetiň esasy düzüm bölümi bolup durýar. Kafedralaryň esasy wezipeleri okuw we okuw-usuly işleri, talyplar bilen terbiýeçilik işlerini, kafedranyň ugry boýunça ylmy işleri, ylmy-pedagogik işgärleri taýýarlamagy we olaryň hünärlerini ýokarlandyrmagy guramakdan we amala aşyrmakdan ybaratdyr. Kafedranyň işine ýolbaşçylygy kafedranyň müdiri (başlygy) amala aşyrýar, ol kafedranyň işiniň netijeliligi we hili üçin jogapkärçilik çekýär.

47. Kafedralar Lukmançylyk uniwersiteti bilen Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň degişli saglygy goraýyş we derman senagaty edaralarynyň arasynda bellenen tertipde baglaşylýan şertnamalar esasynda şol edaralarda talyplaryň we diňleýjileriň bilim almaklaryny we hünär öwrenmeklerini, okuw we hünär

amallaryny, üznüksiz we önümçilik tejribesini we hünär taýýarlygyny üpjün edýärler, şeýle hem ylym, ylmy-kliniki we bejeriş-öňüni alyş işlerini alyp barýarlar.

Lukmançylyk uniwersitetiniň okuw binýady edaralary bolup durýan binýatlaýyn saglygy goraýyş edaralary hakyndaky Düzgünnama, şeýle hem Hünärmenleri taýýarlamak babatda bilelikde işlemek hakynda Lukmançylyk uniwersiteti bilen binýatlaýyn saglygy goraýyş we derman senagaty edarasynyň arasyndaky birkysmy şertnama Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanýar.

## V. Lukmançylyk uniwersitetinde okamak we işlemek, ylmy-pedagogik we ylmy hünärmenleri taýýarlamak hem-de ylmy-pedagogik işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak

48. Lukmançylyk uniwersitetinde okamak we işlemek, ylmy-pedagogik we ylmy hünärmenleri taýýarlamak hem-de ylmy- pedagogik işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu Tertipnama laýyklykda amala aşyrylýar.

49. Bellenen tertipde Lukmançylyk uniwersitetiniň rektorynyň buýrugy bilen okuwa kabul edilen raýat talyp, Lukmançylyk uniwersitetiniň Harby lukmançylyk fakultetine okuwa kabul edilip, Türkmenistanyň Goranmak ministriniň buýrugy bilen harby gulluga çagyrylan raýat harby talyp hasaplanýar we olara talyp şahadatnamasy we hasap-synag depderçesi berilýär.

50. Talyplaryň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu Tertipnama laýyklykda, şeýle hem şolaryň esasynda Lukmançylyk uniwersitetiniň çykarýan resminamalary bilen kesgitlenýär.

51. Talybyň şulara hukugy bardyr:

okuw kitaplaryndan, okuw-usuly gollanmalardan we beýleki edebiýatlardan, okuw üçin zerur bolan tehniki enjamlardan we serişdelerden mugt peýdalanmaga;

okuw döwründe Lukmançylyk uniwersitetiniň okuw-önümçilik, ylmy we medeni-sport binýadyndan mugt peýdalanmaga;

okuw dersleriniň gowy hilli alnyp barylmagyny üpjün etmeýän mugallymlary çalyşmak barada rektorlygyň öňünde mesele goýmaga;

Lukmançylyk uniwersitetiniň kafedralary we beýleki düzüm

birlikleri tarapyndan guralýan ylmy-barlag işlerine gatnaşmaga we ylmy işleri bellenen tertipde alyp barmaga; fakultetiň Geňeşini saýlamaga we oňa saýlanmaga;

jemgyýetçilik guramalarynyň üsti bilen talyplaryň durmuşynyň möhüm meselelerini çözmäge gatnaşmaga;

Lukmançylyk uniwersitetinde okadylýan goşmaça fakultatiw okuw sapaklaryna gatnaşmaga;

saglyk ýagdaýy boýunça sebäpli (akademiki) rugsada çykmaga; bellenen tertipde Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna talyp haklary, kömek pullary bilen üpjün edilmäge;

Lukmançylyk uniwersitetini tamamlandan soň, öz hünäri boýunça işe iberilmäge we ýerleşmäge.

52. Talyp şulara borçludyr:

öz saýlap alan hünäri we gumanitar dersler boýunça nazary bilimleri, tejribe endiklerini we işiň döwrebap usullaryny çuňňur ele almaga;

okuw meýilnamalarynda we maksatnamalarynda göz öňünde tutulan ýumuşlaryň ähli gömüşlerini bellenen möhletlerde ýerine ýetirmäge;

okuw sapaklarynyň ählisine gatnaşmaga, okuw we ýerine ýetirijilik düzgünlerini berjaý etmäge;

umumyadamzat we milli medeni gymmatlyklary bilmäge we olara hormat goýmaga;

guramaçylyk iş endiklerini edinmäge;

ylmy we hünär bilimlerini wagyz ediş çärelerine gatnaşmaga.

53. Talyplary okuwdan çykarmak, okuwa dikeltmek, okuwyny geçirmek we olara sebäpli (akademiki) rugsat bermek Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasary tarapyndan tassyklanan Düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar.

54. Lukmançylyk uniwersitetiniň talyplary Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenen ýeňilliklerden peýdalanýarlar

Okuwyna oňat ýetişýän, ylmy-barlag we jemgyýetçilik işlerine işjeň gatnaşýan talyplar atly talyp haklaryny almaga hödürlemek, talyp hakyny ýokarlandyrmak, minnetdarlyk yglan etmek, sylaglamak, gymmat bahaly sowgatlary gowşurmak, Hormat haty bilen sylaglamak, Hormat kitabyna, Hormat tagtasyna adyny ýazmak

arklay höweslendirilýär.

Talyby höweslendirmek Lukmançylyk uniwersiteti tarapyndan dekanlygyň, kafedralaryň we talyplar köpçüliginiň hödürlemegi boýunça bar bolan serişdeleriň çäklerinde amala aşyrylýar.

55. Aşgabat şäheriniň çäginden daşardan gelen talyplar, harby tnlyplar, diňleýjiler, lukman-diňleýjiler, kliniki ordinatorlar, aspirantlar we doktorantlar Lukmançylyk uniwersitetiniň umumyýaşayyş jaýy bilen üpjün edilýär. Umumyýaşaýyş jaýy baradaky Düzgünnama Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýar.

56. Talyplara we lukman-diňleýjilere jemgyýetçilik tertibini, içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny we umumyýaşaýyş jaýynda ýaşamagyň düzgünini bozandygy üçin duýduryş bermek, käýinç yglan etmek, berk käýinç yglan etmek, Lukmançylyk uniwersitetinden okuwdan çykarmak ýaly düzgün-nyzam temmileri bellenen tertipde ulanylyp bilner.

57. Lukmançylyk uniwersitetiniň uçurymlaryny işe ýollamak Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

58. Lukmançylyk uniwersitetini tamamlan uçurymlar bellenen tertipde iki ýyllyk kliniki ordinaturany ýa-da bir ýyllyk hünär kamilleşdirişi (internatura) okuwyny geçýärler.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýan, Kliniki ordinatura hakyndaky Düzgünnama laýyklykda Lukmançylyk uniwersitetiniň uçurymlary iş ýerlerine paýlaýan iş toparynyň ýollamagy bilen, bäsleşik esasynda kliniki ordinatura kabul edilýär. Kliniki ordinatura kabul edilen uçurymlar bir ýyllyk hünär kämilleşdirişi (intematura) okuwyny we ondan soňra iki ýylyň dowamynda hökmany iş tejribesini geçmekden boşadylýar.

Uçurymlar bir ýyllyk hünär kämilleşdirişi (intematura) okuwyny geçýän döwründe ilkinji hünär kämilligini almak üçin Lukmançylyk uniwersitetinm kafedralarynda 3 aýlyk ilkinji hünär öwreniş okuwyny (;• is hünärmenler we hünärini üýtgedenler üçin) geçýärler.

Bir ýyllyk hünär kämilleşdirişi (intematura) okuwy döwründe zähmet haklary, okaýan ýerine gelmegi we yzyna gaýtmagy, hem iş sapary bilen baglanyşykly çykdajylary bir ýyllyk hünär kamiDesdirişi ( intematura) okuwyny geçýän iş ýeri boýunça tölenýär.

Bir ýyllyk hünär kämilleşdirişi (intematura) okuwy hakyndaky düzgünnama Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty

ministrligi tarapyndan tassyklanýar. Bir ýyllyk hünär kämilleşdirişi internatura) okuwyny geçen ýaş hünärmenler soňra işe iberilen ýerinde iki ýylyň dowamynda hökmany iş tejribesini geçýärler.

Bir ýyllyk hünär kämilleşdirişi (intematura) okuwyny tamamlandan soňra işe iberilen ýerinde iki ýylyň dowamynda hökmany iş tejribesini geçen ýaş hünärmenlere, şeýle hem iki ýyllyk kliniki ordinaturany geçen ýaş hünärmenlere Lukmançylyk uniwersitetini tamamlandygy barada diplom gowşurylýar.

Okuw meýilnamasyny ýerine ýetiren hem-de bellenen tertipde synag tabşyran lukman-diňleýjilere şahadatnama berilýär.

59. Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetiniň diňleýjileriniň şu esasy hukuklary bar we olar şulara borçludyr:

okuw döwründe aýlyk zähmet haklarynyň, okaýan ýerine gelmegi we yzyna gaýtmagy, şeýle hem iş sapary bilen baglanyşykly çykdajylarynyň olaryň esasy iş ýeri boýunça tölenmeginiň üpjün edümegine;

barlaghanalardan, okuw otaglaryndan, okalgalardan, kkaphanalardan we beýleki okuw we okuw-kömekçi bölümlerden tölegsiz peýdalanmaga;

kafedranyň ylmy-barlag işine gatnaşmaga; okuwy kämilleşdirmek meseleleri hem-de diňleýj ileriň okuw, ýaşaýyş-durmuş ýagdaýlaryna degişli meseleleri önümçilik ýygnaklarynda ara alyp maslahatlaşmaga gatnaşmaga;

saýlan hünärleri boýunça yzygiderli nazary bilimlerini okarlandyrmaga we amaly endiklere eýe bolmaga;

bellenen möhletde okuw maksatnamasynda hem-de meýilnamasynda göz öňünde tutulan sapaklaryň ähli gömüşlerini yerine ýetirmäge;

häzirki zaman saglygy goraýyş, bejeriş-anyklaýyş enjamlaryna we usullaryna kämil erk etmäge.

60. Lukmançylyk uniwersitetinde professor-mugallymlar düzümi, ylmy işgärler, ylmy-pedagogik işgärler, lukmanlar, dolandyryş-hojalyk, önümçilik, inžener-tehniki, okuw-kömekçi we beýleki işgärler wezipeleri bolýar.

Lukmançylyk uniwersitetiniň işgärleriniň hukuklary we

borçlary Türkmenistanyň kanunçylygy, şu Tertipnama, içerki zähmet düzgün- tertip kadalary we wezipe borçlary bilen kesgitlenýär.

61. Lukmançylyk uniwersitetinde ylmy-pedagogik we ylmy işgärleri taýýarlamak işi aspiranturada, kliniki ordinaturada we doktoranturada amala aşyrylýar.

Lukmançylyk uniwersitetine aspirantura, kliniki ordinatura we doktorantura kabul etmek, aspirantlaryň, doktorantlaryň, kliniki ordinatorlaryň we alymlyk derejesine dalaşgärleriň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenýär.

62. Lukmançylyk uniwersitetinde ylmy-pedagogik işgärleriň, lukmanlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak işi bellenen tertipde amala aşyrylýar.

## VI. Halkara hyzmatdaşlygy

63. Lukmançylyk uniwersiteti Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde halkara hyzmatdaşlygyny we daşary ykdysady işi amala aşyrýar.

64. Lukmançylyk uniwersiteti üstüne ýuklenen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin öz ygtyýarlyklarynyň çäginde:

yewropa ýurtlarynyň we dünýäniň beýleki ösen döwletleriniň lukmançylyk uniwersitetlerini we daşary ýurtly professor- mugallymlary, ylmy işgärleri we hünärmenleri şertnamalaýyn esasda işe çekýär;

talyplary, professor-mugallymlary we ylmy işgärleri ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn akademiki alyşmak maksatnamalaryna gatnaşýar;

halkara bilim maksatnamalaryny we ylmy barlaglary, şeýle hem ylmy-amaly maslahatlary we beýleki çäreleri geçirýär;

daşary ýurt guramalarynyň sargytlary boýunça düýpli we amaly ylmy barlaglary amala aşyrýar;

ýokary bilimi kämilleşdirmegiň halkara maksatnamalaryna gatnaşýar;

Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda beýleki halkara çärelerini geçirýär.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 12-nji iýunynda çykaran 1264-nji karary bilen tassyklandy**

## III. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi

## I bap. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Dowlet lukmançylyk uniwersiteti

**1. Fakultetler:**

1) Kesel bejeriş fakulteti;
2) Pediatriýa fakulteti;
3) Keselleriň öňüni alyş fakulteti;
4) Stomatologiýa fakulteti;
5) Farmasewtika fakulteti;
6) Sport lukmançylygy fakulteti,
7) Harby lukmançylyk fakulteti;
8) Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakulteti.

**2. Kafedralar:**

1) Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasy;
2) Medisina biologiýasy we genetika kafedrasy;
3) Akuşerçilik we ginekologiýa kafedrasy;
4) Kadaly fiziologiýa kafedrasy;
5) Şöhle bilen anyklaýyş, bejeriş we onkologiýa kafedrasy;
6) Medisina himiýasy kafedrasy;
7) Adam anatomiýasy, topografik anatomiýa we operatiw hirurgiýa kafedrasy;
8) Kazyýet lukmançylygy we hukuk kafedrasy;
9) Anesteziologiýa we reanimatologiýa okuwly umumy hirurgiýa kafedrasy;

10) Iç kesellerininň propedewtikasy kafedrasy;
11) Patologik fiziologiýasy kafedrasy;
12) Nerw keselleri we neýrohirurgiýa kafedrasy;
13) Fakultet terapiýasy kafedrasy;
14) Urologiýa okuwly fakultet hirurgiýasy kafedrasy;
15) Gospital hirurgiýasy kafedrasy;
16) Trawmatologiýa we ortopediýa kafedrasy;
17) Göz keselleri kafedrasy;
18) Kliniki farmakologiýa we endokrinologiýa okuwly gospital terapiýasy kafedrasy;
19) Gulak, burun, bokurdak keselleri kafedrasy;
20) Patologik anatomiýa kafedrasy;
21) Inçekesel kafedrasy;
22) Çaga kesellerininň propedewtikasy kafedrasy;
23) Fakultet pediatriýasy kafedrasy;
24) Gospital pediatriýasy kafedrasy;
25) Yokanç çaga keselleri kafedrasy;
26) Çaga hirurgiýasy kafedrasy;
27) Psihiatriýa, narkologiýa we medisina psihologiýasy kafedrasy;
28) Gistologiýa, embriologiýa we sitologiýa kafedrasy;
29) Saglygy goraýşyň guralyşy, dolandyrylyşy we ykdysadyýeti kafedrasy;
30) Deri we weneriki keseller kafedrasy;
31) Diller kafedrasy;
32) Medisina ekologiýasy we gigiýena kafedrasy;
33) Iýmit gigiýenasy kafedrasy;
34) Mikrobiologiýa kafedrasy;
35) Ýokanç keseller we epidemiologiýa kafedrasy;
36) Ortopedik we hirurgik stomatologiýa kafedrasy;
37) Terapewtik stomatologiýa kafedrasy;
38) Medisina we biologik fizika kafedrasy;
39) Farmasiýa kafedrasy;
40) Farmakologiýa kafedrasy;
41) Bedenterbiýe kafedrasy;

42) Bejeriş bedenterbiýesi, saglygy dikeldiş we sport lukmançylygy kafedrasy;
43) Lukmançylyk gullugynyň guralyşy we usulyýeti kafedrasy;
44) Harby meýdan terapiýasy kafedrasy;
45) Harby meýdan hirurgiýasy kafedrasy;
46) Harby gigiýena, epidemiologiýa we toksikologiýa kafedrasy;
47) Iç keselleri boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasy;
48) Hirurgiýa boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasy;
49) Akuşerçilik we ginekologiýa boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasy;
50) Pediatriýa boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasy;
51) Maşgala lukmançylygy boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasy;
52) Stomatologiýa boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasy;
53) Çaga stomatologiýasy kafedrasy.

**3. Ylmy-barlag merkezi:**

1) Kliniki-biohimiki barlaglar bölümi;
2) Immunologiki barlaglar bölümi;
3) Morfologiki barlaglar bölümi;
4) Halk lukmançylygynyň ylmy esaslary bölümi.

**4. Göz keselleri ylmy-kliniki merkezi:**

1) Kabul ediş bölümi;
2) Gaýragoýulmasyz kömek bölümi;
3) Çagalar bölümi;
4) Gözüň umumy keselleri bölümi;
5) Barlaghana bölümi;
6) Lazer bilen bejeriş bölümi;
7) Dolandyryş-hojalyk bölümi.

**5. Stomatologiýa okuw-önümçilik merkezi:**

1) Terapewtik bölümi;
2) Hirurgiýa bölümi;
3) Ortopediýa bölümi;
4) Çagalar bölümi (terapewtik, hirurgik, ortodontik otaglar);
5) Anyklaýyş we saglygy gikeldiş bölümi;
6) Diş ussahanasy;
7) Dolandyryş-hojalyk bölümi.

**6. Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkezi:**

1) Kabul ediş bölümi;
2) Bejeriş-anyklaýyş we maslahat beriş bölümi;
3) Fizioterapiýa bölümi;
4) Barlaghana bölümi;
5) Operasiýa bölümi;
6) Dolandyryş-hojalyk bölümi;
7) Pediatriýa okuw-ylmy bölümi:
   a) Bäbekleriň patologiýasy bölümi;
   b) Bir ýaşa çenli çagalar bölümi;
   ç) Pulmonologiýa bölümi;
   d) Somatika bölümi;
   e) Çaga newrologiýasy bölümi;
   ä) Bäbekleriň anesteziologiýasy we reanimasiýasy bölümi.
8) Perinatologiýa okuw-ylmy bölümi:
   a) Dogum bölümi;
   b) Göwrelileriň patologiýasy bölümi;
   ç) Ginekologiýa bölümi;
   d) Akuşerçilik we ginekologiýa boýunça anesteziologiýa we reanimasiýa bölümi.
9) Hirurgiýa okuw-ylmy bölümi:
   a) 1-nji hirurgiýa bölümi;
   b) 2-nji hirurgiýa bölümi;
   ç) Çagalaryň anesteziologiýasy we reanimasiýasy bölümi.
10) Dolandyryş-hojalyk we kömekçi bölümler.